UNITED NATIONS
TURKMENISTAN

United Nations Trust Fund for Human Security

Türkmenistanyň hökümeti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Bilelikdäki maksatnamasy

**Global pandemiýa bilen baglanyşykly köp ölçegli töwekgelçilikleri we howplary azaltmak üçin düşünjeliligi ýokarlandyrmak we ýaşlary çekmek**

# Adam howpsuzlygy näme?


KESGITLEMELER s.2
KOMPONENTLER s.3
ORNAŞDYRMAK s.4
MEÝILNAMALAŞDYRMAK s.5
PANDEMIÝA WE ADAM HOWPSUZLYGY s.6

# Adam howpsuzlygy näme?

Adam howpsuzlygy "howpsuzlyga" adamlaryň nukdaýnazaryndan seretmek we olaryň durmuşyndaky köpdürli howplary ykrar etmek diýmekdir.

Adam howpsuzlygy, adamlaryň **ýaşamagyna** (fiziki taýdan zorluk, sütem, yzarlanma ýa-da ölüm), **eklenjine** (işsizlik, azyk howplulygy, saglyga abanýan howplar we ş.m.) we **mertebesine** (adam hukuklarynyň ýoklugy, deňsizlik, çetleşdirme, diskriminasiýa we ş.m.) howp abanyp biljekdigini ykrar etmegi aňladýar.




***BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2012-nji ýyldaky rezolýusiýasy Adam howpsuzlygy kesgitlemesinde 3 azatlygy ykrar edýär:***

**Gorkudan azatlyk,** adamlaryň howpsuzlygyna we fiziki eldegrilmezligine gönüden-göni howplardan, şol sanda daşarky döwletleriň, bir döwletiň öz raýatlaryna garşy, toparlaryň toparlara garşy we şahslaryň şahslara garşy hereketlerinden döreýän zorluklardan goraglylygy aňladýar.

**Mätäçlikden azatlyk,** esasy zerurlyklary, durmuşyň ykdysady, sosial, medeni we ekologik jähtlerini we eklenji goramagy aňladýar.

**Mertebeli ýaşaýyş,** adamlara saýlamaga we özleriniň güýç-kuwwatyny artdyrmak üçin amatly ýagdaýlary gözlemäge mümkinçilik berýän has ýokary hilli durmuş derejesini we adamlaryň abadançylygyny ýokarlandyrmagy aňladýar.

## KOMPONENTLER




**Adam howpsuzlygy = Gorkudan azatlyk + Mätäçlikden azatlyk + Mertebeli ýaşamak azatlygy**

| *Howpsuzlyk görnüşleri* | *Howplar* | *Talaplar* |
|---|---|---|
| Ykdysady howpsuzlyk | Dowamly garyplyk, işsizlik, pes girdeji we ş.m. | Öndürijilikli we düşewüntli işden ýa-da hökümet tarapyndan maliýeleşdirilýän durmuş üpjünçiliginden kepillendirilen esasy girdejini talap edýär. |
| Azyk howpsuzlygy | Açlyk, gytlyk, azygyň adalatsyz paýlanyşy, arassa suw ýetmezçiligi we ş.m. | Ähli adamlaryň esasy azyklara fiziki we ykdysady taýdan elýeterliliginiň bolmagyny talap edýär. |
| Saglyk howpsuzlygy | Ýokanç keseller, ene ölümleri, ýokary hilli saglygy goraýşyň elýeterli däldigi we ş.m. | Saglygy goraýyş hyzmatlaryna, howpsuz we amatly maşgala meýilleşdirişine elýeterliligi talap edýär. |
| Daşky gurşaw howpsuzlygy | Hapalanan howa, tebigy we adam tarapyndan döredilen betbagtçylyklar, suwarymly ýerleriň elýeter bolmazlygy, ýygnalmaýan zyňyndylar we ş.m. | Ýerli ekoulgamlaryň zaýalanmagy, howanyň we suwuň hapalanmagy, çölleşme, tebigy we adam tarapyndan döredilen betbagtçylyklar ýaly howplara garşy goraglylygy talap edýär. |
| Şahsy howpsuzlyk | Fiziki zorluk, jenaýat, maşgaladaky sütem, çaga zähmeti we ş.m. | Jenaýatdan, zorlukdan, gorkudan howpsuzlygy talap edýär. |
| Jemgyýetçilik howpsuzlygy | Milletara, dini we beýleki degişlilik (m.ü. millet) esasly kemsitme, çetleşme (marginalizasiýa) we ş.m. | Etnik ýa-da ýerli toparlary we bosgunlary kemsidiji, zulum edijilikli adatlardan, toparlaýyn gozgalaňdan we ş.m. goraglylygy talap edýär. |
| Syýasy howpsuzlyk | Syýasy jezalandyrma (repressiýa), adam hukuklarynyň bozulmagy we ş.m. | Adam hukuklaryna hormat goýulmagyny, syýasy ýa-da döwlet repressiýalardan goraglylygy talap edýär. |

# Dört ýörelge we ikitaraplaýyn çarçuwa

Adam howpsuzlygy syýasatyny, maksatnamasyny ýa-da taslamasyny işläp düzmek üçin dört sany ýörelge “goramak we güýçlendirmek” çarçuwasy arkaly durmuşa geçirilmeli.






# Adam howpsuzlygy çemeleşmesini dürli ädimlerde meýilnamalaşdyrmak

## I ÄDIM
### Derňew we kartalaşdyrmak

- San we hil görkezijileri arkaly howplara düşünmek
- Howplaryň birnäçe we bir-biri bilen bagly täsirlerini derňemek
- Zerurlyklaryň we gowşak ýerleriň kartasyny işläp düzmek
- Jemgyýetiň bar bolan mümkinçiliklerini we çeşmelerini kartalaşdyrmak

## II ÄDIM
### Strategiýany we maksatnamany işläp düzmek

- Adam howpsuzlygy çemeleşmesiniň dört ýörelgesini ikitaraplaýyn çarçuwasyny ulanmak arkaly interwensiýalary anyklamak
- Maksatnamany ýa-da strategiýany işläp düzmek

## III ÄDIM
### Gatnaşyjy äheňde durmuşa geçirmek

- Ýerli gatnaşyjylaryň we peýdalanyjylaryň ähli ädimlerde gatnaşmagyny üpjün etmek
- Bar bolan mümkinçilikleri we serişdeleri güýçlendirmek
- Durnuklylygy öňe sürmek üçin ýerli derejede eýeçiligi üpjün etmek
- Taslamany durmuşa geçirmekde güýçlendirmegi maksat edinmek

## IV ÄDIM
### Bahalandyrmak we täsirini ölçemek

- **Täsir:** Howplar azaldyldymy? Interwensiýalar täze howplaryň zyýanynyň öňüni aldymy?
- **Ýerliklilik:** Adam howplary bilen ýüzleşýän Interwensiýa anyklananmy?
- **Utgaşyklylyk:** Interwensiýalar ýerli töwekgelçiliklere gabat gelýärmi?
- **Täsirlilik:** Interwensiýa öz maksatlaryna ýetýärmi?
- **Netijelilik:** Serişdeler nä derejede gowy ulanylýar?
- **Durnuklylyk:** Peýdalary uzak möhletleýinmi?

# Adam howpsuzlygy nukdaýnazaryndan bütindünýä pandemiýasy

***Global pandemiýanyň adam howpsuzlygyna ýetirýän köp ölçegli täsiri***

- Dünýädä ***6 milliona golaý*** adam öldi, ***441 milliona golaý*** adam keselledi (2022-nji ýylyň mart aýyndaky hasabata görä).
- Ikinji jahan urşundan bäri dünýädäki ***iň çuňňur çökgünlik.***
- Pandemiýa goşmaça 88 million adamy ***aşa garyplyga*** iterdi.
- ***Gender deňsizligini*** giňeltdi: maşgaladaky zorluk wakalary 20% töweregi ýokarlandy.
- Azyndan ***1,5 milliard okuwçy*** pandemiýanyň iň ýokary ýeten 2020-nji ýylyň martynda ***okuwa gidip bilmedi***.
- Dünýäde ýeterlik iýmitlenip bilmeýänleriň 2020-nji ýyldaky sanyna ***83-132 million*** adam goşulmagyna garaşylýar.
- Bosgunlar, migrantlar we göçmeli bolan adamlar ***deňsiz täsirlendi***.

**Döwlete we edaralara däl-de, adamlara ýetirýän täsirine üns bermek**

**Adamlaryň tapawutly toparlaryna üns bermek:**

***Jyns, ýaş, geografiýa, ýerleşiş, ýaşaýyş, etnik gelip çykyş we ş.m. has köp ejizlikleri döredýärler.***

Çagalar, garrylar, mejbur göçmeli bolanlar we ýarawsyz adamlar has ejizlediler we daşlaşdylar, şol sebäpden hem has goragsyzlaşdylar.

**Howplaryň köp ölçegli täsirlerine üns bermek:**

***Pandemiýa howplaryň domino täsiri bilen baglanyşygyny aýan görkezdi.***

Global pandemiýa dürli ýurtlardaky we dürli derejedäki döwletleriň we adamlaryň ykdysady, azyk, şahsy we syýasy howpsuzlygyna uly zyýanly täsirini ýetirdi.

# Pandemiýa jogap bermekde *dört ýörelgäni* ulanmak:



BMG-niň binasy
Arçabil şaýoly, 21-nji jaý
Aşgabat, Türkmenistan, 744036

© 2022 Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistandaky wekilhanasy

www.turkmenistan.un.org